# Bize geçi bersene

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Bize geçi bersene BIZE GEÇI BERSENE



Obamyz sorasañ, saglyk-esenlik,
Hanjan aga, bize geçi bersene!
Hoja öwladyndan bize teberrik,
Hanjan aga, bize geçi bersene!
Görmäne gelemok ýakyny-ýady,
Goç ýigit giñ bolsa, çykardy ady,

Aslyñ sorsam pygamberiñ öwlady,
Hanjan aga, bize geçi bersene!

Dostuñ begensin-de, duşman gülmesin,
Binamyslar indi dünýä gelmesin,
Yzynda zeýrensin, ejeñ bilmesin,
Hanjan aga, bize geçi bersene!

Meniñ şu sözüm-ä mydam saz bolar,
Ýagmyr ýagsa, gyş günleri ýaz bolar,
On geçiden bärsi, ýene az bolar,
Hanjan aga, bize geçi bersene!

Dawagärler tutar atybeketden,
Söz sözlesem sözüm däldir hekatdan,
Ýegşem Sopy oñup otyr zekatdan,
Hanjan aga, bize geçi bersene!

Aşyrmämmet aýdar, sözün ýoýmany,
Binamys adamyñ bolmaz imany,
Hoş wagt edip goýber gelen mimany,
Hanjan aga, bize geçi bersene!

Aşyrmämmet,
XX asyryñ başynda Jebel, Krasnowodsk sebitlerinde ýaşan şahyr.
Goşgular